# Galsyn

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Galsyn GALSYN

Ömri ölçemesin geçýän wagtlar,
Oñ ölçegi edýän işiñde galsyn.
Gerek paýyñ aljak bolgul bagtdan,
Oñ şuglasy akyl-huşuñda galsyn.

Ynsan erkin bolsun, nebis – jylawly,
Her bir ýapyşgyl sen gylawly,
Ot ýakdyñmy hözirli hem alawly –
Oñ şöwkedi ýaşan ýaşyñda galsyn.

Bu durmuşda boş geçmesin her demiñ,
Seni mydam küýsäp gezsin hemdemiñ,
Dowamyña nusga bolsun mekdebiñ,
Gujuryñ, gurbatyñ döşüñde galsyn.

Ata Watanyña bolsun hyzmatyñ,
Duýup ýaşa oñ eçilýän lezzetin,
Büdremesin ykbal atlt gyratyñ,
Şöhrat-şanyñ agras başyñda galsyn.

Göwnüm, durmuş synagynda eýikdiñ,
Göze-başa düşüp ýörmek aýypdyr,
Ar-namyssyz ýaşan ömrüñ haýypdyr,
Edep-haýañ gözüñ-gaşyñda galsyn.

Näzik ANNATYÝEWA. Goşgular